# Şeýtany aňk eden «hajylar»

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Şeýtany aňk eden "hajylar" ŞEÝTANY AŇK EDEN «HAJYLAR»

«Ybraýym pygamber Käbäni gurup bolandan soň, Allatagala oňa: «Indi gygyr. Ähli musurmanlar Käbä togap etmäge gelsinler Käbe Hudaýyň öýi boldy» diýen. Ybraýym pygamber: «Eý, Taňrym, men külli musurmany bu ýere nädip çagyraýyn? Olar meniň sesimi eşitmez ahyryn!» diýen. Onda Allatagala: «Sen gygyryber, men özüm galanyny oňararyn» diýen.
Allatagalanyň Ybraýym pygamber bilen gepleşenini Jebraýyl perişde bilen Şeýtan hem eşidipdir. Ybraýym pygamber: «Eý, dünýäniň musulmanlary! Käbe – Beýtulla boldy. Oňa togap etmäge geliň-ow!» diýip, üç mertebe gygyranda Jebraýyl perişde bilen Şeýtanam şol sözleri gaýtalap gygyranmyşyn. Şol sesi Allatagalanyň gudraty bilen külli musulman eşidenmiş. Indem…
Hawa, indem Käbä zyýarata gelýänler üç taýpa bolarmyşyn. Bir taýpa, ol Allatagalanyň eradasy bilen, Ybraýym pygamberiň çagyranlary. Olar zyýarata gelermişlerem, sag-aman yzlaryna haçlary kabul bolup bararmyşlaram-da, iliň-günüň öňünde perişde kimin ýaşap, edil türkmen zamçasy ýaly, ýagşy ysyny iline-gününe bark urduryp, sapagyndan tänip, Hudaýyň gujagyna gaýyp gidermişin. Beýle adamlaryň dirikä-de, dünýäden gaýdansoňam ady, abrýy, tutuş ömri iline-gününe ýagşylygyň tymsaly bolarmyşyn.
Ikinji taýpa bolarmyşyn. Bu taýpa Jebraýyl perişdäniň sesini eşidip, Hudaýyň öýüne zyýarata gaýdarmyşyn. Olar sag-aman zyýarat edip, ajal-peýmanasy şu ýerde dolarmyşyn. Munuň özem bendäniň ömrüne bir uly zyýapat bolarmyşyn. Çünki Käbede amanadyňy tabşyrmak – jennetiň ak guşuna öwrülmekmişin.
Üçünji taýpa bolarmyşyn. Ol taýpa adamlar Şeýtanyň sesini eşidip, Käbeýi-mukarrama zyýarata gelermişin. Olar sag-aman gelermişem, öz iline aman-esen bararmyşam. Emma, hawa, emma olar şeýle bir haramzada, ilden çykan bolarmyşynlar welin, olary görüp Şeýtanyň özem agzyny açyp-açyp galybirmişin…

Öwezdurdy Nepesowyñ «Kyýamat-magşara çenli» romanyndan, 452 sah. Halk döredijiligi we rowaýatlar